# Gündelikde galanlar -11/ dowamy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler,Türkmen dili,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gündelikde galanlar -11/ dowamy 05.12.2004 ý.

Sähet Rejebow, professor:
– Bu waka 1964-nji ýylyň tomsunda bolupdy. Men bir iş bilen Türkmen döwlet uniwersitetine barypdym.
– Sizi Wiktor Mihaýlowiç Pereudin telefona gyssagly çagyrýar – diýdiler. Ol şo wagtlar TSSR Ministrler Sowetiniň ýanyndaky Ýokary we ýörite bilim barasyndaky döwlet komitetinde başlygyň orunbasary, menem şol komitetde baş spesialist bolup işleýärdim. Ol maňa "Saňa TKP MK-nyň ikinji sekretary garaşýar" diýdi. Bardym. Orta boýly, ýüzi tegelek, etli-ganly daýaw adam ýerinden agraslyk bilen turdy-da, meniň bilen elleşip görüşdi. Ol maňa bir haty görkezdi. Haty Çärjewiň pedinstitutyny gaýybana gutaran studentler atlaryny görkezmän ýazypdyrlar. Hatda iki sany adamyň özleri bilen okaman, deň derejede diplom alandyklaryny ýazýarlar. Biri Sosialistik Zähmetiň Gahrymany, SSSR Ýokary Sowetiniň deputaty Oraz Annaberdiýew, beýlekisi SSSR Ýokary Sowetiniň deputaty A. Meredowa.
Ikinji sekretar Pykow maňa bu işi gizlin barlamalydygyny aýtdy. Oňa meniň kandidaturamy Pereudin beren ekeni.

17.01.2005

Gurbanmyrat Nobatow:
– Obamyzda Gurban aga (Amanow) diýip ortatap bagşy bardy. Akgam (Ödenyýaz Nobatow) ony her gezek toýa gidende ýany bilen alyp barýar. Aňrybaş bagşydygy üçin däl-de, ökde gürrüňçi, wäşidigi üçindi. Onuň bilen bile otursaň, hemme zady ýadyňdan çykarýaň. Onuň bir gürrüňi:
– Otuzynjy ýyllarmy ýa uruşdan öň 40-njy ýyllar, obamyz serhet

obasy bolansoň, milisiýa obamyzdan aktiwleri çagyryp, serhedi bozujylara garşy göreşmek hakda gürrüň geçiripdir. Çagyrylanlaryň arasynda öň serhedi bozup, kontrabanda bilen iş salyşýan murtlak bir ýaşuly adamam bar diýýär. Gurban ýaňky obadaş ýaşuly bilen garşyma-garşy oturan eken.
Obadaşynyň arka ýüzünde diwarda asylgy duran adam suratlary bar. Şo suratlaryň ýokarsynda “Bular aýratyn howply adamlar” diýlip ýazylan eken. Olaryň arasynda ýaňky murtlak öz obadaşlarynyňam suraty asylgy dur. Milisiýanyň başlygy jenaýatçylara garşy göreşmek, serhedi pugta goramak, serhet bozýanlar hakda haýdan-haý habar bermek ýaly gürrüňler edipdir. Gurbanyň gözleri diwardaky surata (öz obadaşy) düşýär. Ýaňky adamam bu zatlardan habarsyz. “Aý, ony eýderis, muny beýderis” diýýär. Gurban ogrynlyk bilen obadaşynyň aýagyny basyp, ünsi özüne çekdirjek bolýar, asla bolanok.
Gaýtam, ol “Ine, biz bu işe ýaşlaram işeňňir çekeris” diýip, Gurbana seredýär diýýär.
Ýygnak gutarandan soň daş çykýarlar. Şonda Gurban oňa ýagdaýy düşündirdi welin, onuň gözleri hanasyndan çykaýjak boldy diýýär.

20.04.05

1840-da telewideniýäniň “Altyn asyr” kanalynda meniň döredijiligim hakda uly gepleşik berdiler.
40 minut töweregi geçensoň gepleşigiň arasy kesildi. Men muňa öňünden taýyndym. Sebäbi birküç ýyl mundan öň hem men hakda gepleşik taýynlandy we efire berildi. Başlandan 4-5 minut geçensoň arasyny kesipdiler.
“Dostlarym” men hakda ýörite alada edýän bolmagy ahmal. Kakamyrat Ballyýew ýaly bigaýratlar az däldir-le?!
Ertesi men Oraz agany Ministrler Kabinetine maşynymda äkitdim. Ýolda oňa düýnki waka barada gürrüň berdim. Gürrüň bermegimiň sebäbi men özüm bilen baglanyşyklydyr diýen howatyr bilen gürrüň berdim. Ol köşeşdirdi. “Meniň bilen baglanyşykly hem bir gezek şeýle boldy” diýdi. Maşynda garaşyp oturdym. Nämüçindir meniň howsalam artyp ugrady. Şo wagtam Kakamyrat

Ballyýew öz daşary ýurt maşyny bilen geldi. Salamlaşdy. Köp wagtdan soň ikiçäk görşüşimiz. “Edara maşyny remontda. Öz maşynymy münýän” diýdi.
Düýnki waka hakda aýtmaga pursat döränem bolsa, men ol hakda hiç zat aýtmadym. Şeýdip hoşlaşdyk.
Oraz aga geldi. Gürrüňiň äheňinden başga zatlar hakda gürrüň bolanlygyny aňdym.

19.05.2005

Žurnalist Allaberdi Müsürow 1952–1973-nji ýyllar “Mydam taýýar” gazetinde işläpdir.
– Redaktorymyz Baýram Gurbanow “Oglum, gyzymdan” başga gürrüň etmezdi.
Bir gezek Köşüli mekdep direktory, goşgy-da ýazýardy. “Mydam taýýaryň” bir sahypasyny eýeläp duran material bilen çykyş etdi.
Gazetiň bir sanynyň jemi gonorary 150 manatdy. Men bir sahypalyk materiala 35 manat galam hakyny ýazdym. Baýram aga ony 75 manat diýip düzetdi. Gözden çykgynç-da. Şo wagtlaram Hümmet we Ata diýen işgärlerimiz dawalaşdy. Şo dawany barlamak üçin Moskwadan, SK komsomolyň topary geldi. Olar gazeti ähli ugurlardan barladylar. Şonda toparyň gözi şo gonorara düşüpdir. Şo zatlaram Baýram aganyň işden boşadylmagyna sebäp boldy. Ýerine onuň inisi Täşli Gurbanowy goýdular. Onuň bu işe geçmeginde Maýa Mollaýewanyň goldawy boldy. Maýa şo wagtlar SK komsomolyň birinji sekretarydy.
Täşli Gurbanow soň şahyr Nury Baýramowyň türmä basylmagynyň hem öňüni aldy. Nury “Magaryf” neşirýatynda işlän döwründe wezipesinden peýdalanyp köp maliýe ýalňyşlyklaryna ýol beripdir. Türmä basyljakdy. Täşli ýene Maýa Mollaýewanyň (ol şo wagt SK partiýanyň MK-synyň sekretarydy) goldamagy bilen, ony türmeden alyp galdy.
Allaberdi aga gürrüňini dowam etdi.
–Bir gün terjimesi Sapa Baýryýew ýazyjy Berdi Soltannyýazowa gabat gelýär. Berdi Soltannyýazow: “Bäý, bu gün howa gaty yssy” diýipdir. Sapa Baýry bolsa:

– Bu günler men otpuskada. Howa maňa bildirenok – diýip jogap beripdir.
Mundan öň bir gezek Sapa Baýry howanyň yssylygyndan gaty zeýrenipdir. Birküç gün geçensoň, ony çagyryp: “Sen näme üçin sowet howasyna at dakýaň?” diýip sorapdyrlar. Ol bolsa rejäniň geň däldigini aňyp: “Eýran tarapdan siklon geldi. Men ony şo siklon hakda aýdaýdym” diýip, düşündiriş beren eken.

28.05.2005

Oraz aga Nepesow:
– Sapa Baýry örän akylly adamdy. Ýöne şolam Bagşy Jürmenekden basyldy.
Bolan waka. Bir işi terjime etmeli bolupdyrlar. Biri terjimeçi, biri redaktorlyk etmeli. Gonoraryny deň paýlaşmaly ekenler. Deň bölüşipdirler. 5 köpük galypdyr. Iki köpük oňa, iki köpügem muňa. Bir köpügi nätmeli? Bagşy Jürmenek oňa-da bir gap kükürt almaly diýipdir. Gabyň içindäki çöp içiňi ýakaýyn diýen ýaly 53 çykypdyr. Galan bir çöpi hem bölüşipdirler.

***

Geldi aga Bäşimow, 83 ýaş, uruş weterany:
– Men Sapa bilen köp oturyşdym. Gaty akylly adamdy. Gürrüň berende, zol aýagyny yralaýardy.
Çopan kir diýilýän adamda keşp ýok ekeni. Ata münende aýagy ýetip dur diýýär.

Annameret arçynyň on bir aýaly bar ekeni. Bir gezek iki hepde geçirip, öýüne gelýär. Gowy görýän aýaly (nowbahar aýaly) gelip, öýde bolan zatlary gürrüň beripdir. Olam muňa gahar edip, on birisinem ýalaňaçlap gyzgyn çägäniň üstünde goýupdyr. Kürt aýaly: “Wah, Annameret jan, meniň nä ýazygym?” diýip zeýrenipdir.
Annamerediň bir sylaýan adamsyna habar edipdirler. Şo gelip aýallary halas edipdir. Ol diňe şol adama gulak asýan ekeni.

23.08.05

Oguldurdy Taganowa, aklawçy:
– Aýal doganymyň 19 ýaşly gyzy ýogaldy. Arada ejesi ony deňze äkitdi. Çagalykdan demgysmasy bardy. Deňizden sag-aman geldiler. Gelende-de gowy eken. Şo gün “Ýaramok eje, derman ber” diýipdir. Wanna giripdir. Şo ýerde-de ýogalypdyr. Gyz dagy däldi. Şeýle owadandy. Suratyň bardy-da. Kakasy pahyr 19 ýyl mundan öň ölüpdi. Ol ölen wagty gyzjagaz ejesiniň göwresindedi. Kakasy mundan 19 ýyl öň, 20-nji awgustda ýogaldy. 21-nji awgustda-da ýere duwlandy.
Bu gyzam 19 ýaşynda, 20-nji awgustda ýogaldy – diýip gürrüň berdi.
Durmuş düşündirip bolmaýan täsinliklerden doly.

01.08.2005

Oraz Nepesow – 1924 ý. doglan.
– Biziň Ýasmansalyk obamyzda 1935-nji ýylda stahanowçylyk hereketi ýaýbaňlanyp başlady. Kolhoz başlygyna Çary Öweznepes diýerdiler. Obamyzda Gara kiş diýen bir adam bardy. Olaryň tiresine kişler diýerdiler.
Ine, şol hereket başlanansoň, kim birinji ýer alsa bir goýun, galan ýerlere eýe bolanlara-da özüne degişli sylaglar bellenildi.
Gara kiş birinji boljak bolup, nahara-da çykman işläp, üzüm hatarlarynyň arasyny depip çykypdyr. Çaýa çykmaly wagty, üç-dört sany gyzy bar. Şolar üç-dört sany ýumurtga getirse, şony piliň sapyna urup ýumurtgalary çyglygyna içýän eken. Barybir onuň hilesi ýüze çykarylýar. Depmän, topragyň üstüni ýapyp gidipdir. Şonuň üçin oňa baýrak berilmändir. Muňa gahar eden Gara kiş kolhoz başlygyna töhmet atypdyr. “Gyzyma lak atypdyr“ ” diýip, arz edipdir.
Obada açyk sud bolýar. Şoň ýaly bolanda, başlygy ilki işinden aýryp sud edýärdiler. Sudýa aýal onuň gyzyna sorag berdi. Adwokat Dawydowdy. Ermeni adamdy. Şonda Çary Öweznepesi akladylar. Adamlar ony ellerinde göterip, asmana zyňýardylar. Soň men Çary bilen bile fronta gitdim. Biziň kuhnýamyz kälde ýerleşýärdi. Şol gün men oňa nobatçylyk edýärdim.

Şineliniň iki jübüsem kartoşkadan doludy. Olar bir ýerden söweş täliminden gelýän ekenler. “Wagtyň bolsa garaş. Häzir men kartoşkalary gaýnadyp bereýin” diýsem, ötägitdi. Ol bu kartoşkalary bir garry aýalyň howlusyndan ogurlap alandygyny aýtdy. Soň men frontdan gaýdyp gelemsoň onuň söweş meýdanynda galandygyny bilip galdym.

02.09.05 ý.

Oraz aga Nepesow:
– 1951-52-nji ýyllarda men marksizm-leninizm institutynda işleýärdim. Gazet üçin gyssagly bir materialy Sapa Baýry bilen terjime edýärdik. Nomere. SSSR-iň Baş prokurory Wyşinskiniň doklady. Ol dokladynyň bir ýerinde “Gora myşa rožala” diýen sözlem bar. Nähili terjime etmeli. Gyssanmaç bolansoň biz ony “Dag syçan dogurdy” diýip terjime etdik. Ýogsam öz dilimizde onuň ekwiwalentini tapmak boljakdy.
Ýene bir gezek “Geroi Şipky” diýen jümläni “Gahryman ýyndamlar” diýip terjime etdik. Görüp otursak, Şipka Bolgariýada bir depäniň ady eken. ( Şahyra Lesýa Ukrainkany “Ukraina tokaýlary” diýip terjime edilişi hakda-da okapdym – A.Ç.).
Biziň bilen Abdy Pürliýew (biz oňa Abdy Petrowiç diýýärdik) diýip bir ýaşuly terjimeçi işleýärdi. Ol sagat 8-de işe gelýärdi. Agşam sagat 6-da-da işden gaýdýardy. Şo aralykda bir sagada golaý dynç alýardy. Galan wagtyny işleýärdi. Korrektory Çary Ataýew (köşüli) “buşukjak” diýse, şony goýbermän, “men çilim çekjek, şonda buşugarsyň” diýerdi. Şo wagtlar deriden tikilen sumkalar bolardy, şony dolduryp pul alardy. Ol “Meniň her sagadyma 3 manatdan düşýär” diýip aýdýady.
Pul alan wagty keýpi kökelip, Allaýar aga Hydyrowyň ýanyna baryp: “Hany, bu heleýleri dynç almaga ibermerismi?” diýip aýdýardy. “Ýok. Men heleýimi özüm …” diýip Allaýar aga jogap berdi. Abdynyň aýaly orusdy.

12.09.05.

Ýaňy telewideniýäniň “Altyn asyr” kanalynda Ruhnama

bagyşlanýan gepleşik görkezildi. Edarada onuň başyny görüp, ýapdym. Sebäbi, gepleşige gatnaşýan žýuri agzalarynyň arasynda oglum Serdar hem bar. Gepleşigi alyp barýan beýlekiler bilen onuň adyny tutanda, Serdaryň familiýasyny öçüripdirler. Mesemälim bildirip dur. Serdar Bilim ministrliginde baş hünärmen bolup işleýär.
Indi Çüriýew familiýasy şeýle gorkunç bolup görünýärmikä?
Keýpimi bozmajak bolup (muňa men öwrenişikli, özüm bilen baglanyşykly bolsa bolýaram weli, indi çagalara-da azar berjekler) gepleşigi öçürdim. Aý, bolýa-da, wagt kimiň — kimligini görkezer!

23.09.05.

Hojamyrat Annamyradow (1924 ý.):
— 8-9 ýaşlarymdadym. Agamyza Taňryberdi göni diýerdiler. Atyň ölemen aşygydy. Onuň toýlarda bir çaparman aty bardy. Biz ony suwa ýakmak üçin günde birimiz nobata durýardyk. Bir günem meniň gezegim geldi. Birinji gezek ata münüp gördüm. Taňryberdi agam “Aty birden çapdyrma” diýip tabşyrdy. Ony Sekizýapdan suwa ýakdym. Köp suw içdi. Suw içip bolansoň yzymyza dolandyk. Elim birden onuň ýagyrnysyna degmezmi, at okduryldy. Menem tüwdürilip atdan ýykyldym. Birwagtdan özüme gelsem, at meniň başujumda hokranýar. Ol bir çukurjyk ýerde ýatdy. Menem usullyk bilen oňa mündüm. Gelsem, agam “Näme, aty çapdyrdyňmy?” diýip sorady. Menem wakany bolşy ýaly gürrüň berdim. Ol şonda “Ata soňky gezek münşüň bolar” diýip gaharlandy. Muny men atyň maňa hemaýat edişini aýtjak boldum.

29.09.05

Amangeldi Gönübegiň neberesinden Ýazmyrat Nyýazly diýen ýaşulyň gürrüňinden:
— Men Annamuhammet Gylyjowyň kömekçisi bolubam işledim.(Ol gürrüňiniň şo ýerinde özüniň onuň bilen Bekdaşa gidişi, onuň ýygnakdan soň gaharlanyp gaýdyşy, Bäherdene gidende 1-nji sekretaryň öýünde nahardan iýmän, ýolda gaýdyşyn “biz-ä hiç zat iýmedik” diýşi, Ýazmyrat aganyň Aşgabada, öýüne gelýänçä

onuň gaňryşyna gaýdyşy hakda ýatlady.
– Bekdaşda oňa gazaklar Anna eke diýýän ekenler – diýdi.
Ýazmyrat aga şo döwürde TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň başlygynyň orunbasary Stepan Lapin, sekretary Tagan Babaýewa hakda-da aýdyp, olaryň ikisiniň hem intrigaçydgyny aýratyn belledi. Soň olaryň deregine Prezidiumyň başlygy bolup Roza Atamyradowna Bazarowa, sekretary Mahinur Orazowanyň, orunbasar Ýežowyň elinde işlemeli bolandygyny aýtdy.
Işlär ýaly däl, iş çözüp bolanok. Ahyr men Bazarowa: “Men üç aýalyň elinde işläp biljek däl” diýdim. Olaryň kimlerdigini sorady.
– Bir-ä özüňiz, ikinjisi Orazowa. Üçünjisem Ýežow, olam aýaldan pes däl – diýdim. Şeýdibem işden gitdim – diýip, Ýazmyrat aga aýtdy.

01.10.05

Oraz aga Nepesow:
Guwanç Orazowyň bahyl, görip bolandygyny aýdýar.
– Bular – Guwanç Orazow, Akmyrat, Nurgeldi, Amangeldi aga dagylar ilki Allaberdi Sapbyýew pahyry başlyklykdan kowdurdylar. Ýogsam Allaberdi Guwanjyň selponyň başlyklygyndan kolhozyň başlyklygyna geçmegine ýardam etdi. Soň Guwanjyň topary Myratberdi Sopyýewiň garşysyna işledi. Myratberdiň üstünden ýazyp, şahtýorlara 75 tonna sogan iberip, ony SSSR Ýokary Sowetiniň deputatlygyna kandidatlaryň spisogyndan öçürtdiler. Ýerine Guwanç Orazowy deputat saýladylar.
Myratberdini 1968-nji ýylam bolsa bolýandyr, gije ýatyrka işden kowlan şofýoryny küşgürenem şolar bolmaly, goşa tüpeňiň iki mäşesinem basýar. Atylanok. Oňa çenli Myratberdiň myhmany saragtly adam tüpeňi Daňataryň elinden alýar.
–Ekspertde bolsa tüpeň atylyp dur – diýip, oňa sud eden Hojamyrat aga Annamyradow gürrüňe goşuldy.
– “Nämäniň üstünde atjak bolduň?” diýip, kän biljek boldum, aýtmady. Ýöne men şo wagtlar Oraz aganyň ýaňky aýdan topary hakda zat bilmeýärdim.
Myratberdiň özem gelip, “Şoňa 10 ýyldan köp berme” diýdi. 10

ýyl iş kesdik. Näme üçin atanyny soňam aýtmady.
– Şo topar soň hemmesi weýran boldy. Guwanç agaň yzy dagady. Ölenden soň alan gyzlygy soň ejeligini öldürdi. Ol aýal neşekeş eken. Akmyrat bismil bilen keselledi. Porsy ysyndan ýaňa ýanyna barar ýaly bolmady. Nurgeldi diýýänimizem wejera boldy.
Toparlanyşygyň bardygyny meniň kömek eden adamym aýtdy.
Berdiguly Galyýewiň hem başyna ýeten şolar boldy. Berdigulyň aýal dogany Myratberdiň aýalydy –diýip, Oraz aga gürrüň berdi..

20.10.2005 ý.

Gyjakçy Ata Ablyň goňşuragy bolup ýaşaýan Aman Nepes diýilýän ýogaldy. Onuň bilen Türkmenpotrebsoýuzda bile işleşen Agamyrat Setdarow “Juda halal adamdy” diýdi. Biz Oraz aga Nepesow, Agamyrat dagymyz merhum bilen iň soňky gezek hoşlaşmaga bardyk. Şo mahal şol ýerde (uçastka) ýaşaýan köne tanşym Hydyr geldi. Onuň bilen görüşdik.
“Men doganlaň iň körpesidim. Indi meniň özümden başga ýaşuly ýok” diýdi. Ýogalan Hydyryň agasy eken. Hydyryň gelnejesi hem merhumyň duldegşir goňşusy. “Ikisem bir wagtda jan berdi” diýip, Hydyr aýtdy.
Dogrudanam iki howlyňam derwezesi açykdy. Gölegçiler iki howla-da girýärdi.
Durmuşda geň galmak bolmaýar. Ýöne men şeýle ahwalaty öz gözüm bilen gördüm.
Agamyrat ýogalan ýoldaşy hakda “Her iki-üç minutdan nitrogliserin ulanýardy” diýdi.
R.S: Eşidişime görä, merhum goňşular – garyndaşlar bir-birinden öýkeli bolmaly.

23.10.05 ý.

Şu gün Annadöwletiň jaýlanan güni. Gonamçylyk gidilen ýolda nohurly Habybylla Güji mergeniň ogly (80 ýaşlarynda) şu zatlary gürrüň berdi:
– Biziň agamyza Hojageldi mergen diýerdiler. Onuň bäş ogly,

biri ir wagt ýogalypdyr. Meniň kakam Güji mergen, Remezan, Rejep ussa, Ybraýym.
Men Nohurda buhgalter bolup işleýärdim. (soň ol ýerde – Nohurda, ir wagtlar Telman adyndaky kolhoz diýlip at galdyrylýan eken. Kolhoz başlygy hem bolupdyr). Agam Rejep ussa her 5-6 aýdan gulagyma guýup şeýle diýerdi:
– Bir-ä Goçmyrat ahunyň bagyny ölçeme, birem Atanyýaz ahunyň bagyny ölçeme. Üçünjidenem, Gylyç arçynyň maşgalasyna azar berme.
– Goçmyrat ahunam, Atanyýaz ahunam düşnükli. Pirlige ýetişen adamlar. Gylyç arçynyň maşgalasyna näme üçin azar bermeli däl – diýip, sebäbini soradym.
– Gylyç arçyndan öň Nohura Atabaý arçynlyk etdi. Şonuň döwründe bir adam arz edip barsa, arz edilenem şoňa zat berse, onda ol arz edene 3 manat jerime, arz edilene-de 1 manat jerime salýardy. Atabaý arçyn döwründe onuň iýjek-içjegi obanyň boýnundady. Ondan daşgary arçynlyga degişli kazy-kelanlaryň hem eklenji oba adamlarynyň boýnunady – diýip aýtdy.
Atabaýdan soň Gylyjy arçynlyga saýladylar. Oba adamlary öňki ýaly oňa zat äkidip berseler, ol “Maňa zat gerek däl. Ýer berseňiz bolýar” diýdi. Şoňa Tilkili diýen ýerden ýer berdiler. Özi ekýärdi, özi dikýärdi. Biri arz edibem barsa arz edilýän adamyň günäsini boýnuna goýup, oňa 3 manat jerime salýardy. Şonuň üçin ol adamlaryň hormat-sylagyna mynasyp boldy. 37-nji ýylda ony tutýarlar. Nohurdan Bäherdene äkitmeli. Onam Remezana tabşyrdylar. Remezan ony öňüne salyp, Nohuryň aýlawly ýoluna ýetiberende, Gylyç mergen: “Men-ä ýadadym. Birsalym ýatyp, dynjymy aljak” diýýär. Gylyç Mergenem “Sen ýatsaň, meniň gaçmagym mümkin-ä” diýýär. “Mergen, näme etseň şony et, bahymrak gaç şu ýerden” diýse-de, mergen gitmändir. “Men gaçsam, seniň işiňi görerler. Meň üçin sen bir azar çekme” diýýär.
Aý, garaz, bular ýarym sagatlap ýaňkalaşypdyrlar. Remezana ahyry mergeni yrmak başardypdyr. Mergen mazaly gözden ýitip, daglara siňenden soň “Aý, Gylyç mergen gaçyp gitdi” diýip, tüpeň atypdyr. Oba gelibem, oba Şuranyň jaýynyň ýanynda “Gylyç

mergen gaçdy” diýip, asmana tüpeň atýar.
Şeýdibem Remezany 10 ýyl türmä basýarlar. Iki ýyl ýatyp, 1939-njy ýylda geldi.
Atamyz Hoşgeldi mergen, başga-da birnäçe ilen-çalan garyndaşymyz Moskwa, Staline hat ýazmaly edildi. Men şo wagt ikinji klasda okaýardym. Haty atam diktowat etdi. Hat şeýle sözler bilen başlanýardy: “Moskwada oturan iň beýik adam Staline”.
Hatyň adresini obamyzdaky feldşer Şukin (Andreý Timofeýewiç – diýip, ýanynda oturan Halmyrat aga Tagan aýdýar) ýazdy. Şo hat Moskwa barypdyr. Bir gün öýde otyrdyk. “Oba Şurasyna prokuror çagyrýar” diýip, meni we doganymy, atamyzy Kawul gelip äkitdi. O ýerde Hruşowyň kellesine meňzeş kelleli bir orus adamy otyr. Meniň aýagym stuldan ýere degenok. Atam bulara bir zat düşündirýär: bularyň ejesem öldi, kakalary ýok, aý, garaz ýetişibildiginden ýalbarýar. Elbet, ol bizi tutup äkiderler öýdendir. Bizem şeýle pikirde. Ýanynda dilmajy bar. Olam terjime edip, orsa düşündirýär.
Ýagdaýa belet bolandyr-da. Ol gaharyna stoly ýumruklady. Bizem indi işimiz gaýtdy diýip gaty gorkduk. Ol biziň gorkanymyzy duýup, bize köke uzatdy. Doganym kökäni iýdi. Men iýemok. Oňa ýuwaşlyk bilen: “Kökäňi iýdiň. Türmede näme iýeris” diýdim. Görüp oturşak, ol bizi tutmak üçin däl-de, biziň ýazan zatlarymyzyň näderejede dogrudygyny bilmek üçin gelipdir. Ol: “Ýene 13 günden ogluňyz geler. Gelmese, ýene habar edersiňiz” diýip, haty ibermek üçin atama otuz manat pul uzatdy. Atam almajak bolup kän dyrjaşdy. “Sygrym bar, goýnum bar. Sataryn” diýdi. Barybir ol orus etmedi. Puly atama berdi.
13 gün diýlende Remezan bilen Ybraýym türmeden boşap geldiler. Swerdlowsk tarapda bolan ekenler.
Rejep ussanyň elinden gelmeýän zat ýokdy. Diňe uçar ýasap, uçup bilenokdy. Ussa 1960-njy ýylda ýogaldy.
Hojageldi Mergen ogullarynyň birini Goçmyrat ahuna tabşyrýar. 10 ýaşyndan 24 ýaşyna çenli ahunyň hyzmatynda bolupdyr. Nohurlylaryň teýeneli gürrüňlerem bar-da: “Mergen ogluny öýerip bilenok” diýip, gürrüň eşidýär. Mergen ahunyň ýanyna baryp ýagdaýy aýdýar. Ahun şonda: “Gyzym Enegarry siziňki”

diýýär. Mergen göwnemeýär. Mal hödürleýär. Mergen göwnemeýär. Goltuk jübüsinden gyzyl pul çykaryp hödürleýär. Mergen göwnemeýär. Onda ahun: “Onda men saňa möý çykarýan dogany öwredeýin. Şo seniň bütin neberäňe ýeter” diýipdir.
Ahun aýdýar, mergen öwrenýär. Şeýdibem atam öz dogasy bilen il içinde tanaldy.
Nohurly Mollaeke mollanyň demi düşýärdi. Ol 1975-nji ýylyň awgustynda meniň öýümde aýdan sözleri ýadymda.
– Meniň ogullarymyň biriniň hem ogly bolmaz. Ogullary bolmaz ýaly, doga okandyryn – diýdi.
Dogrudanam, ogullarynyň biriniň hem ogly bolmady.
Halmyrat aga gürrüňe goşuldy:
– Meniň inimem arapça kitaplary az-owlak okaýardy. Bir gün ol gelip Hojaahmet ahuna: “Ahun, şu kitap näme hakda?” – diýip sorady. Ahun ony okap, oňa şeýle diýdi:
– Bu kitaby menem okamaýyn, senem okama, başga hiç kime görkezme. Muny ýere gömeli – diýdi.
Ol adamlary jadylamak baradaky dogalaryň kitaby eken.

29.11.05. 18:55

Jaň geldi. Režissýor Çerkez Şamyradowyň ýogalanlygyny ogly habar berdi. “Bu gün myhman alýas. Ertir sagat 9:00-da Çoganla ýerlemäge äkidýäs” diýdi.

22.12.05

Dekabr aýynyň 9-ndan 16-na çenli aralykda maýyplaryň dikeldiş merkezinde saglygymy bejertdim.
Hassahanada ýatyrkam, garaždan maşynymyň ogurlanandygy hakda iki gün yzly-yzyna düýş gördüm. Öýe gelsem, howludaky garažlaryň ýykyljakdygy hakdaky habary eşitdim.

16.01.06

Şu gün işiň ahyrynda žurnalist kärdeşimiz Hojamyrat Goçmyradow jaň edip, Oraz aga Nepesowy sorady. Oraz aga uruş weteranlarynyň guramasynyň merkezi geňeşiniň başlygy. Hojamyrat aga hudožnik Yzzat Gylyjowyň aradan çykanlygyny,

onuň jaýlanan ekenligini habar berdi. Yzzat aga uruş weterany. Men ony şu ýylyň birinji ýarymy üçin “Aşgabat” gazetine mugtuna abuna ýazypdym. Baýramçylyklarda käte onuň adyny spisoga goşýardym. Men onuň ýogalanlygy hakda özümiň habarymyň ýoklugyny aýtdym.
Yzzat Gylyjow şu ýylyň 12-nde ýogalypdyr we Çoganlyda jaýlanypdyr. Metbugatda onuň ýogalanlygy hakda hiç hili habar berilmedi. Oňa derek tansçy Swetlana Japarownanyň aradan çykanlygy hakda nekrolog berlipdir.

20.01.06. 12:20

TDP-niň Syýasy Sowetiniň birinji sekretarynyň kömekçisi Mergen jaň etdi. Oraz aga ýogalypdyr. Serpmeden gaýdan ýaly boldum. O nähili beýle? Meniň onuň ýanyndan gaýdanyma entek oňly wagtam geçenog-a! Çürleşip oturdyk. Keýpi-de erbet däldi. Şo wagt radioda meniň sözlerime döredilen aýdymlaryň biri aýdyldy weli, men oňa: “Oraz aga, şu aýdymy men ýazdym” diýsem, dykgat bilen diňledi-de,”Allaýar jan, seň aýdymlaň üýtgeşik gelýär” diýip öwdi. Öraz aga ýüzüňe öwüp ýören adam däldi.. Dogrusyny aýtsam, muny men geňräk gördüm. Bile işleşen döwrümizde Oraz aga maňa hemişe “Allaýar jan” diýip ýüzlendi. Indi bolsa ol ýok. “Häzir maňa medsestra gyz ukol etjek” diýensoň, men onuň bilen hoşlaşdym. Ol meni palatadan çykyp ugratdy.
Ajy habary eşidip, derrew hassahana bardym. Palatada Oraz aga sessiz-üýnsüz ýatyr. Äňini daňypdyrlar.
Aşakda Onjyk Musaýew, Myrat Garryýew, Tuwakbibi Amangeldiýewa, Wiktor Zaýsew bar. Başky aýalynyň ýaşaýan ýerine äkitdiler.
Ertir sagat üçüň ýarynda çykarjaklar.
Mähriban Oraz aga, jaýyň jennetden bolsun!

19.05.2006 ý.

Bütin ömrümi türkmen radiosyna we telewideniýe bagyş eden žurnalist Baýramgylyç Pälwanow ýogalypdyr. Şu gün sagat irden sekiziň ýarlarynda telewideniýede bile işleşen ýoldaşymyz Oraz murt jaň edip, bu hakda habar berdi. Şu gün merhumyň üçi. Ol Ostrowskiý köçesiniň ugrunda ýaşaýardy.

Baýramgylyç bir aý mundan öň meniň iş ýerime jaň edip, bir zat hakda sorady weli, onuň näme hakda soranlygy şumat ýadyma düşenok. Ony men geçen ýylyň 1-nji martyndan bäri – žurnalist Rahman Öwezowyň ýyly bellenip, sadaka berlende görşümdi. Jaň edende men ony sesinden tanamadym. Telewideniýede işlänimizde men hakda aýdýan degişme sözleri ýadyma düşüp, onuň Baýramgylyç agadygyny bilipdim.
Birküç gün öň bolsa men maşynly barýarkam, köçäň ugrunda birine garaşyp duran Oraz murty gördüm-de, maşynymy saklap, onuň bilen görüşdim. Özümiň ýakynda ýazwa keselimiň açylyp gan gidip, keselhanada ýatandygymy aýdypdym. Baýramgylyjy ýatlap, gülüşipdik. Rahman Öwezi ýatlapdyk. Bu gün bolsa, ine, şeýle habar bilen Oraz maňa jaň etdi. Ölmezinden öň Baýramgylyjyň ýanyna žurnalist Amangeldi Myşyýew barypdyr. Ol şonda Rahmany ýatlapdyr. Orazy ýatlapdyr.
Men Orazdan onuň näme kesel bilen keselländigini soramda, ol: “Rak ekeni” diýdi.
Pahyr bir ýowuz kesele duçar bolanyny öz dost-ýarlaryna, tanyşlaryna bildirmejek bolupdyr. Hatda ony soramaga ýegenleri baranda-da ýanyna goýbermändir – diýdi.
Ýatan ýeriň ýagty bolsun, Baýramgylyç aga! Diri wagty men oňa Baýramgylyç diýip ýüzlenýärdim.

22.05.06.

Şu gün işe çykdym. 2-nji maý güni ýazwam açylyp, gan geldi. Köşüdäki keselhanada 10-njy maýa çenli ýatdym. Galan günler öýde bejertdim.
Işiň ahyrynda ýazyjy Seýitnyýaz Ataýew geldi. Gürleşip oturdyk. “Baýramçylyk günleri tasdan ölüpdim. Ölümiň bäri ýanynda galdym “ diýip gürrüň berdi..
8-nji maýda gül goýluşyga barsa, sanawda onuň familiýasy bolmansoň, goýbermändirler.
Uruş weterany general Annaoraz Çaryýew ýalňyşlyk bolaýmasyn diýip sanawy özi okap görüpdir. “Oglanlar, siz nireden?” diýip, Seýitnyýaz sorapdyr. “Ýok, biz immigrasion gullukdan” diýip, oglanlar jogap beripdir. Ahyr bolmajagyny bilenden soň,

ol syr bildirmejek bolup, DOSAF-yň jaýyna tarap ýöräpdir. “Zordan ýöreýän. Ýagdaýym erbet”.
Şo wagtam Köpetdag etrabynyň häkimi gelip görşüpdir. “Men-ä gül goýluşyga goýberenoklar” diýse, “Seni goýbermän, kimi goýbersinler. Häzir düşünişeris” diýip gidipdir. Wagty bilen gelmändir. Onuň ýerine häkimiň orunbasary uzyn boýly ýigit gelip, “Biz-ä , olar bilen düşünişip bilen däldiris” diýip aýdypdyr. Soň Seýitnyýaz Ataýew oglunyň öýüne baryp, gan basyşyny ölçedipdir – 220/100 – diýýär.
–Men-ä düşünip bilýän däldirin. Ýazýan zatlarymam çap edenoklar.
“Gül goýluşyga gatnaşmaly däl” diýip, sanaw sizden bardymy?” diýen soragyna biz – Aga Garajaýew ikimiz “Ýok” diýdik. “Men-ä şo wagtlar keselhanadadym” – diýip aýtdym. Ýöne Merkezi geňeşiň (uruş weteranlary guramasy) başlygy podpolkownik Kakamyrat Tokaýew Ýeňiş güni bilen baglanyşykly Seýitnyýaz Ataýewiň, Seýitmämmet Orazgeldiýewiň we ýene-de birki sany weteranyň gatnaşdyrylmaly däldigini Garajaýewe aýdan ekeni. Tokaýew gödek adam. Ýaşulymy, ýaşkiçimi, kän bir saýgarjagam bolanok. Weteranlaň üstüne gygyryp duranynyň birnäçe gezek şaýady bildum. Seýitnyýaz Ataýewem dogry sözly adam. Onsoň Tokaýewiň bu weterany halamazlygy belli zat.
Seýitnyýaz Ataýew özüniň ýatlamalar ýazýandygyny, “Gazap” romanynyň üçünji kitabynyň üstünde işleýändigini, munuň bilen baglanyşykly herrikgalaly Kuly arçynyň otuzynjy ýyllarda Eýrana geçip, o ýerdenem Stambula düşüşi, onuň örän güýçli küştçi bolandygy, hatda uly wezipeli adamlary hem ýeňendigini, şolaryň biriniň uruş ýyllarynda Türkiýäniň premýer-ministri bolandygyny gürrüň berdi. Seýitnyýaz bu zatlary özüniň Türkiýä baranda eşidendigini, türkmenler diýen bir maşgala bilen tanşandygyny, o hakda şonuň gürrüň berendigini, soň Aşgabada gelip, Kuly arçynyň ogluny tapandygyny – fizika ylymlarynyň kandidaty Hojamämmet Kulyýew, ol şonda öz kakasy üçin köp azar çekendigini aýdypdyr. Seýitnyýaz otuzynjy ýyllarda NKWD-de işlän Oraz Şyhmyradowdan Kuly arçyny soranda ol: “Wah men ony tapsam atjakdym” diýipdir.
Kuly arçynyň Oraz Şyhmyradyň aýalynyň jigisi bilen arasy bar

eken. Ol Eýrana Manyşdan geçipdir, ak paýtunly, ýanynda-da şol gyz bar eken. Ak paýtuny hiç ýerde saklap, dokument soralmaýan eken. Paýtunyň yzyna-da öz tigirini (welosipedini) daňan eken. Paýtun yzyna gaýdypdyr. Olar tigiri bilen Eýrana aşypdyr.

26.06.06 ý.

Meniň söhbetdeşim Annamämmet aga ömrüniň kyrk ýyla golaýyny mugallymçylyk edip geçiren adam. Gürrüňçi, ýatkeşligi gowy.
… Kyrk dokuzynjy ýyldy. Kolhozyň hasapçysy bolup işleýän kakam öýe ýüzi salyk geldi. Biz ony öň şeýle ýagdaýda görmändik. Hiç geplänok. Mekdepde hasap-hesipden tabşyrylan öý işimize kömekleşýän kakamyň, indi biziň bilen hezili ýok. Muny görüp, biz ejemiziň ýüzüne soragly nazarymyzy dikdik. Kakam ertesi işden ýene-de şeýle halda geldi. Durup bilmän, ejemizden soradyk: “Kakaňyzy partiýadan çykarypdyrlar. Bu gün üýşürip, biziňem hemmämiziň topbymyzy ýakdylar” diýdi.
Kakam kommunistem bolsa, her gün irden namaz okaýanyny bilýärdik. Mundan özümizden başga hiç kimiň habary ýokdy. Biz: “Namaz okaýanyny bilip, kakamyzy partiýadan çykarandyrlar” öýdüp pikir edipdik. Emma bu beýle däl ekeni. Kakam elmydama silkme telpek, gyýma balak, aýnagonç ädik geýerdi. Gyýma balakda, silkme telpekli işe barýandygy üçin, raýkomyň býorusynda partiýa hataryndan öçüripdirler. Ýöne işinden boşatmandyrlar. Işden boşatmazlylarynyň sebäbem, şol mahallar obada hasap-hesip işini alyp baryp biljek başga adam ýokdy. Kolhozyň başlygam sowatsyz adam. Rejep diýip, adyny ýazanda, harplaryň arasyny açyp, depder-kagyzyň bir setirini doldurýan eken. Şonda “p” harpy sygmansoň, täze setire geçýän ekeni. Kakam oňa harplary birleşdirip, kiçiräk edip ýazmagy öwretse, ol: “Ýok, beýtseň, biri-birine päsgel berer” diýip aýdýan ekeni. Ýöne kakam partiýa hataryndan çykarylandygyna garamazdan, öz milli egin-eşigini üýtgetmedi. Silkme telpekli, gyýma balakly işe baryp gelýärdi. Birküç aýdan soň, raýkomyň birinji sekretaryny işinden boşatdylar. Ýerine täze adam geldi. Şol adam kakamy täzeden partiýa hataryna dikeltdi – diýip, Annamämmet aga geçen asyryň ortalarynda sowet döwründe

bir bisowat ýolbaşçy tarapyndan nähak ýerden bir bigünä adamynyň – öz kakasynyň milli geýimde edara gatnanlygy üçin, ynjydylyşy hakdaky wakany gürrüň berdi.

18.11.06.

2006-njy ýylyň 16-njy oktýabryndan işden boşadylmagym hakda arza ýazdym. Guramanyň başlygy “polkownige” işleýän, iş bilýän adam gerek däl. Ýeňiş güni mynasybetli uruş weteranlaryna berilmeli pul sylaglary köpüsine gowşurylmandyr. Men keselhanadadym şo wagtlar. Ýöne bu zatlar hakynda ýygnakda işgärleriň öňünde onuň öz ýüzüne aýtdym.
Men entek munuň ýaly ugursyz adamyny göremok. Indem görkezmesin. Dünýäde iki sany biderek adam bar bolsa, şonuň biri şodur. Men muny gaharymdan ýazamok, hakykat şeýle. Ýolbaşçylaryň biriniň adyny tutup, “Men Pylanynyň ýegeni” diýmäni-de utanç hasap etmeýän bu kişi hakda mende ýaramaz täsirler galdy.

21.12.2006 ý.

Şu gün sagat 1100-da türkmen telewideniýesi Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Ataýewiç Nyýazowyň ýogalanlygy hakda howpsuzlyk geňeşiniň habaryny berdi.
Ony dynç güni – 24-ne jaýlajaklar.

***

Şumat maňa baýry žurnalist Hajy aga Nyýazow jaň etdi we meniň goşgularymy okandygyny aýtdy. Mahal-mahal jaň edip durmagymy sorady. Başga gepleşer ýaly adamyň ýokdugyny hem ýaňzytdy
Hajy aga başda meniň iş ýerime jaň edendigini aýtdy. Men o ýerden işden çykandygymy aýtdym.

22.XII.2006 ý.

Şu gün öýlänler Gurbanmyrat öýe jaň etdi we Öde akganyň (Ödenyýaz Nobatowyň) dekabryň 19-nda, 78 ýaşynda aradan çykandygyny, onuň belli günleri hakda özüniň jaň edip, habar

berjekdigini aýtdy.
Ýatan ýeriň ýagty bolsun, Ödeniýaz akga!
Türkmeniň iň soňky beýik bagşysy dünýäsini täzeledi. Haýp!
Ajy habary eşidip, däri-derman içmeli boldy.

26.XII.2006.

2005-nji ýylda Russiýanyň Wolgograd şäherindäki “Stansiýa-2” neşirýatynda Iwan Woroniniň “Moýa granisa” (”Meniň serhedim”) atly ýatlamalar kitaby çapdan çykdy. Iwan Aleksandrowiç serhetçi, podpolkownik. Ömrüniň köp bölegini Türkmenistanyň serhedini gorap geçiren adam. Kakamyň iň ýakyn dosty. Ol öz kitabynyň bir babyny kakama bagyşlapdyr. Ol bap “Çüri – meniň dostum” diýip atlandyrypdyr. Woronin geçen asyryň altmyşynjy ýyllarynyň ahyrlarynda biziň obamyz Könekesirdäki serhet komendaturasynyň komendantydy.
Ýatlamasynyň bir ýerinde Iwan Aleksandrowiç şeýle ýazýar: “Gazak ofiserimiz Abyrowyň gyzjagazy ýogaldy. Çagany jaýlap duran wagtymyzda men Çüriniň dyzyna çöküp, aýat okap duranyny gördüm. Aýat okalyp gutarandan soň, men ondan:
– Çüri, sen kommunst-ä. Özüňem aýat okaýaň – diýip soradym.
– Eý-ý, Iwan Aleksandrowiç – guburynyň başyndan turman dillendi – partiýa – bu wagtlaýyn, Alla bolsa bakydyr – diýdi.
I.A.Woronin ýene şeýle ýatlaýar: “Türkmen topragynda çärýek asyrlap gulluk eden döwrümde, men bir gezek türkmen adamsynyň aglanyny gördüm. Bu türkmeniň başga hiç kim däl-de, öz dostum Çürüdigini aýtmalydyryn. Onuň ýaňaklaryndan iri gözýaş damjalary syrygýardy. Bu meniň täze gulluk ýerime ugrajak wagtym – Aşgabatdan Kiýewe gitjek hoşlaşyk wagtym bolup geçipdi. Çüri bilen Nepes Kakaýew hem yzlaryna, Könekesire tarap dolanmalydy…”
Iwan Aleksandrowiç mahal-mahal jaň edip, ýagdaýymyzdan habar tutup durýar. Şu ýylyň 23-ne agşamlar jaň edip, hemmämize salan aýtdy. Nyýazowyň “Ruhnama” kitabyny ibermegimi, Nyýazowyň ýogalmagy bilen öz gynanjyny bildirdi we meniň aýdymlarymdan düzülen kasseta ibermegimi haýyş etdi. Ol özüniň türkmen aýdym-sazlaryny diňläsiniň gelýändigini aýtdy.

01.01.07.

Düýn, geň galmaly, gar ýagdy. Bu günem ýagyp dur.
Gurban baýramynyň täze ýylyň öňki gününe düşmegi 33 ýylda bir gezek gaýtalanýar diýip, Moskwanyň telewideniýesi düýn habar berdi.
Şu gün sagat 10-dan işlände turdum. Aşhanadaky turba dolup, suw daşdy, penjirämiň aýnasy çat açdy. Täze ýylyň başlanyşy, görýän weli, erbedem däl. Geçen ýylyň ýanwarynyň 20-sinde Oraz aga Nepesow ýogaldy. Ol uruş weteranlarynyň Merkezi geňeşiniň başlygy bolup işleýärdi. Men hem onuň jogapkär sekretarydym. Ýerine Tokaýew diýip tanalmaýan adamy goýdular. Nowruz aýynyň 13-i güni. Gelenden işgärlere yrsarap başlady. Birki gezek maňa, adymy tutman “nohur” diýdi.Şu wagta çenli hiç kim maňa beýle diýenokdy. Onda medeniýet diýilýän zadyň adam ýok. Nädip ol weteranlara düşüp ýör, bir Alla bilýär! Men ahyry oňa: “Daýyňa buýsanma, wagt geler, pogonyňy hem sypyrarlar” diýip, adamlaryň ýanynda ýüzüne aýtdym. Daýysy – Mejlisiň öňki başlygy Öwezgeldi Ataýew. Ony 2006-njy ýylyň 21-ne işinden boşatdylar. (Nyýazowyň ýogalan güni). Ol aýaly Nurgözel bilen oglunyň halaşyp öýlenen nohurly gyzy kemsideni üçin (“Sen biziň ganymyzy hapalajak bolýaň”), ol gyz 60 sany demidrol tabletkany içip, özüni heläklejek bolanda, ony keselhanadan alyp gaýdandyklary we onuň keseliniň diagnozyny tutgaý bilen baglanyşdyrandyklary üçin işinden boşadyldy we aýaly ikisi türmä basyldy. Meniň aýdanlarymyň bir-ä aýan boldy, ikinjisi hem …

06.01.2007

Bu wakany maňa şu gün inim Meret gürrüň berdi. Muny hem oňa goňşusy Oraz Hoja aýdypdyr. Onuň garyndaşlaryndan biri agyr kesele duçar bolup köp ýatypdyr. Bäş günläp jan berip bilmänden soň, ýaňky Oraz “Ol birine garaşýan bolaýmasyn” diýensoň, Garrynohurda ýaşaýan doganynyň yzyndan adam iberipdirler. Gije sagat 24-de ugradylan maşyn ýarygijeler sagat 3-lerde näsagyň ýaşuly dogany bilen gelipdir.
Onuň gelenligini aýdanlaryndan soň, uzak wagt geçmänem düşekde

ýatan jan beripdir. Iki dogan ýigrimi ýyllap gürleşmän ekenler. Sebäbi: iki dogan guda bolupdyrlar. Sähedi bellenipdir. Emma toý gününden öň gyzy başga birine beripdirler. Elbetde, munda ejesiniň biligi hökman bolaýmaly. Ine, şeýdibem iki doganyň arasyna tow düşüpdir.
Düýn agşam öýe Agaly Ataýew bilen Täzebaý Saparow (“Türkmen dili” gazetiniň baş redaktorynyň orunbasary, ikisem dostum) geldiler. Bir hat uzatdylar. Haty iberen Amanowa Bahar, Tagta raýonyndan, Bolşy ýaly göçürýän:
“Täzebaý Saparow. Eger mümkin bolsa, şu haty şu günüň dowamynda Allaýar Çüriýewiň hut eline gowşursaňyz. Sag boluň.
Ikinji ýazgy:
“Allaýar Çüriýew. Men onuň soňky ýola roýuny görmerin öýdýän. Ýöne siz, ony soňky ýola ugradanyňyzda, meniň adymdan bir ter gunça tabydyna goýmagyňyzy soraýaryn. Ýazygyny Alla geçsin.
Gülruh”.

Düşünmedim. Hat haçan ýazylypdyr. Senesi ýazylmandyr. Poçta möhüri dogry.
Belki-de, Gülruh atly gyz maňa rubagynyň temasyny salgy berýändir.
Düşünmek kyn, matal ýaly. Hat näme maksat bilen ýazylypdyr. Belli däl.
Başda maňa haty gowşuranlarynda kän bir ähmiýet bermedim. Doly okamaga-da ýetişmedim. Soň okap, pikire batdym.

17.01.2007.

Ýaňy Mele jaň edip menden ýazyjy Seýitnyýaz Ataýew bilen fotograf Alekber Güseýinowyň gerekdigini, muny ondan Derýa Baýramgulyýewiň soraýandygyny aýtdy. Men Aga Garajaýewden Seýitnyýazyň hem-de Abdyllanyň (Alekberiň agasy) telefonlaryny bildim. Abdyllanyň öýüne jaň etsem, bir aýal onuň öýde ýokdugyny habar berdi. Men ondan Alekberiň telefonyny sorasam, ol: “Şu gün Alekberiň aýaly ýogaldy. Abdylla hem şo ýerde” diýip jogap berdi. Men gynanjymy bildirdim. Bu tötänlige men haýran galdym.

21.01.2007.

Düýn Öwez atly bagyrly oglan bilen söhbetdeş boldum. Uniwersitetiň taryh fakultetini tamamlap, iki ýyl goşunda, Guşguda gulluk edipdir. Häzir 26 ýaşynda.
“Gulluk eden döwrümiz açlyga çydaman, it, ýylan, alaka iýen oglanlaram boldy” diýdi.
“Bagyrda köne öwlüýäde merhumy jaýlamak gadagan edilensoň, adamlar gije sagat 12-de, 1-de öz ölülerini bildirmän jaýlamaga äkidýärler” diýip ol aýtdy. Bu gynançly, hasratly ýagdaý diňe Bagyrda boldumyka?

22.01.2007.

Şu gün Mele Badaýew, Geldimyrat Nurmuhammedow, Boris Annaberdiýew (kinooperator), Gurban Çekirow (kinooperator) bilen kinostudiýanyň işgäri, kinooperator Ýakup Myratnazarowyň belli gününe (üçi) görnüp gaýtdyk.
Režissýor Hojaguly Narlyýewi gördüm. Gadyrly görüşdik. Ony men, belki, 25 ýyldan gowrak gören däl bolsam gerek.
Şahyr Nobatguly Rejebow bilen kinorežissýor Muhammet Söýünhanow meniň ýanyma geldiler. Nobatguly maňa garap: “Men Allaýary 25 ýyldan bäri birinji gezek görşüm” diýdi. Ol şonda oglum Serdaryň oňa kömek berendigini minnetdarlyk bilen aýtdy. Boris oňa “şahyr” diýip ýüzlendi. Ol bolsa, “Şahyr bir diýme. Hiç kim eşitmesin” diýip degişdi. Nobatguly häzir goşgyny hiç kimiň okamaýandygyny aýtdy.
Gaýdyşyn ýolda Gurban Çekirow režissýor Aýmyrat Gökleňow bilen baglanyşykly – aždarhaly bir wakany gürrüň berip gülüşdirdi.
Pendi topragynda surata düşürenlerinde çopanlar degşip oňa bir guýuda aždarhanyň bolýandygyny gürrüň beripdirler. Ol bolsa guýa benzin döküp otlap, aždarhany surata düşürmekçi bolupdyr. Aždarha nirede, zat nirede? Onuň ýoldaşy kinooperator Gowşut Çişiýew aždarhanyň ýokdugyny näçe düşündirjek bolsa-da, Aýmyrat diýen etmändir. Onuň otlan guýusynyň töweregindäki ösümligi ot alypdyr. Ahyry raýkomyň birinji sekretary Rejep Annaýew “Aýmyrat, näme haýyşyň bolsa aýt, edeýin, ýöne sen basymrak şu ýerden git” diýip ýalbarýar” diýýär.

Bu gülküli waka bada-bat kinostudiýa ýaýrapdyr. Aýmyrada soň “aždarhaçy” diýip lakam beripdirler.
Gurban Çekirow 44 ýyllap kinostudiýada işläpdir. “2002-nji ýylda kinostudiýadan gitdim. Şondan soň bir gezegem onuň gapysyny açmadym. Kinostudiýaň gapysyndan garasym gelenok” diýdi. Nämüçindigini soramadym. Ol onsuzam düşnüklidi.
R.S.: Meleden ol hakda sorasam, agzy hapalandy – birtopar adamdan, “işiňi düzedip bereýin” diýip pul alyp, soň bermändir. Olaram arz edipdirler. Şonuň üçin az wagtlyk türmede-de ýatyp gelen ekeni.

27.01.2007.

Söhbetdeşim Öweziň kakasy ýaş wagtlary goýun bakýan ekeni. Bir gün ol öz ýoldaşy bilen gaçdym-kowdum oýnapdyrlar. Ýoldaşy uzyn boýly, ýöränide dikgerip ýöreýän eken. Ol öňden ylgap barýar. Öweziň kakasam onuň yzyndan ýetdim-ýetdim barýar diýýär. Kakasy ýoldaşynyň başyndaky gulakjynyny almaga ýetişipdir. Ýoldaşam ýetdirmejek bolup ylgap barýar. Yzyndan ýetmejegini bilip, kakasy onuň gulakjynyny ýoldaşynyň yzyndan zyňýar weli, gulakjyn baryp, onuň kellesine el bile geýdirilen ýaly boldy diýýär.
Öwez bir gün Krasnyý Krestiň ýany bilen gelýärkäm, köçäniň beýleki tarapdaky trotuardan bir gyz barýar diýýär. Birdenem asmandan uçup barýan gara garga gyzyň öýmesini çekeläp ýene-de uçup gitdi diýýär.
Bir gezegem ýer depip otyrdym diýýär. Borjagy agdarandan soň, piliň bir ujy bilen borjagy ýumşadyp otyrkam, bir guş uçup geldi-de, pilimiň aşagyna düşdi. Öldi ýatyberdi” diýýär.
Mele Badaýew: “Çagakam gije ýatmaga gorkýardym. Çünki düýşümde gören zatlarymyň hemmesi ertir huşumda gaýtalanýardy” diýip gürrüň berdi.
Bagyrly Öwez (Arslan) Hudaýberdiýew atly bir ýigit şu wakany gürrüň berdi:
Ol bir gelin bilen tanşypdyr. Birnäçe wagt gatnaşykda bolansoň, iş-alada bilen duşuşyp bilmändir. Gelin günlerde bir gün jaň edende trubkany Öweziň özi göteripdir. Şonda gelin

özüniň indi birnäçe wagtlap awariýa uçrap keselhanada ýatandygyny, şu ýagdaýda özünden habar almaýandygy üçin ondan öýkeleýändigini, häzir görmäge gelse, özüniň jorasynyň öýündedigini (öýi salgy berýär) habar berýär.
Öwez salgy berlen ýere barsa, gelin ony gülüp garşy alýar. Öwez onuň awariýa düşmändigini bilip, oňa gahary gelipdir. Gelin muny ony göresiniň gelendigi üçin edendigini aýdýar. Öwez gaýdýar. Birki gün geçensoň Öwez dogrudanam şol gelniň maşyn heläkçilige uçrandygyny eşidipdir. Häzir ol gelin ysmaz bolup, öýde ýatyrmyşyn.

26.02.07.

Irden sagat 8-den işlände Meret jaň edip, ýaşuly obadaşymyz Eke Öwezmyradyň ýogalandygyny habar berdi. Agşam gar ýagdy. Howa birden gaty sowady. Çaryk tiresiniň iň soňky ýaşulusy aradan çykdy. Ýatan ýeriň ýagty bolsun!
Ony Änewde jaýlajaklar.

14.03.2007.

Şu gün instituta işe baramda (men indi şu aýyň 7-sinden bäri Dil we edebiýat institutynyň kiçi ylmy işgäri) görnükli edebiýatçy Durdymuhammet Nuralyýewiň ýogalandygyny eşitdim. Ol Çoganly gonamçylygynda jaýlandy. Oňa 15-ä golaý adam gatnaşdy. Institutdan 4 adam. Aman Nurmuhammedow, Myrat Annaýew, Orazdurdy Çommadow, hemem men gatnaşdyk. Ýazyjy-şahyrlardan, redaksiýalardan ýekeje-de adam ýok. Indi ol hakda ýatlama ýazanlarynda “Ol meniň halypamdy” diýen ýaly makalalar ýazarlar. Emma jaýlamaga weli wagt tapmadylar.
Geçen bäşinji gün içgiliräk bolansoň institutyň işgärleri Myrat Annaýew bilen Myrat Tuwakowa ony öýüne äkitmegi tabşyrýarlar. Ol öýe gitmejekdigini, gitse ony ýene gelniniň urjakdygyny aglap aýdýar. Onuň şo günem ýüzi göm-gök ekeni. “Gelnim urdy” diýip aýdypdyr. Ony Gökjä, aýal doganynyň (takyk bilemok) öýüne maşyn tutup äkidip, goýup gaýdypdyrlar. Myrat Anna oňa elli müň manat beripdir. Ol altynjy gün işe gelipdir. Birinji gün öýünden jaň edip, özüniň býulletene çykandygyny

işe habar beripdir.
Türkmeniň iň soňky uly edebiýatçy alymyny 2007-nji ýylyň 14-nji martynda sagat 3-den soň Çoganlyda jaýlap gaýtdyk.

23.04. 07. 20:30 m.

“Maýakdan” şumat Russiýanyň öňki Prezidenti Boris Nikolaýewiç Ýelsiniň tarpa-taýyn ýogalandygy habary eşitdim. Gaty begendim. Bir eşek öldi. Ikinji eşegiň ölümine garaşýan. Ol M.Gorbaçýow.
Birinji eşek 77 ýaşynyň içinde ýogalypdyr. Olary eşek bilenem deňemeli däl. Olar rus dilinde aýdanyňda, “dýawol”.

- **PURSATLAR**

Ýadyma düşýär, “Eýrandan ahun gelipdir” diýen habar Aşgabada ýyldyrym çaltlygynda ýaýrapdy. Adamlar hakyky ahuny görjek bolup, topar-topar bolup, onuň ýanyna salama barardylar. Märekäniň yzy üzülenokdy. Meýdançada gurlan uly çagyrda adamlar hyryn-dykyndy. Ahun o diýen ýaşuly adamam däldi. Biziň şonda ak pata alan hakyky ahun bilen ilkinji gezek ýüzbe-ýüz bolşumyzdy. Şonda bolup geçen bir waka heniz-henizlerem gözümiň öňünden gidenok.
Salam berip giren daýaw ýaşuly adam eýranly ahun bilen gujaklaşyp durşuna hamsygýardy. Ýaşulynyň gözlerinde gözýaşlary doňup galypdy. Ýaşuly daglyk Garawul obasyndan gelen Hakberdi mollady. Abdylgapur ahun bolsa onuň ýegenidi.

* * *

Ellinji ýyllaryň ahyrlary bolsa gerek. Bir gün obamyzyň hat gatnadyjysy öýümize bir bukja gowşuryp gitdi. “Kimden geldikä?” diýip, gyzyklanyp görsek, bukjanyň ýüzünde bize nätanyş hat ýazylgydy. Kakam agşam işden geldi. Bukjany görkezdik. Ol näme üçindir bukjany açmaga howlukmady. Şeýdip ol hat birküç günläp öýde ýatdy. Soň ol haty kakam işine äkidipdi. Hat okalmadam, zadam edilmedi. Yzyna gaýtaryldy. Çünki, döwür gorkuly bolansoň, kakam Eýrandan iberilen ol syrly bukjany açmady. Ol ätiýajy elden beren bolmaly däl.

Soň kakam pahyryň bize aýdyşy ýaly, ol hat garry enemiň erkek dogany Abdylmälikden gelen bolmaly. Enemiň aňyrsy ahun maşgalasyndandy. Molla Ysmaýyl ahun onuň atasydy. Ady uly ile ýaýran Goçmyrat ahun bolsa, Molla Ysmaýyl ahunyň kiçi doganydy. Ol geçen asyryň dowamynda Durdy bagşy tarapyndan ýazylan “Goçmyrat ahuny bardyr Nohuryň” diýip waspy edilen şahsyýetdi. Onuň ölümine bagyşlap Mätäjiniň ogly Molladurdy gaýgyly goşgy hem ýazypdyr.
Sowet häkimiýeti tarapyndan yzarlanan ahunlar maşgalasy toplum-toplum bolup, otuzynjy ýyllarda serhetden aşmaly bolupdyrlar.
Gürrüň berişlerine görä, enemiň başga bir dogany Abdylmejit bolsa, ömrüniň ahyryna çenli günde-günaşa diýen ýaly serhet ýakasyna gelip, dagyň üstünde oturyp, Sumbary ýakalap oturan öz dogduk obasyna garap, gözlerinden boýur-boýur ýaş döküýän ekeni. Muny bize soň onuň ogly gürrüň beripdi.
Watan hasraty bilen bu adamyň keseki ýurtda çeken ruhy azaplaryny hiç bir zat bilen ölçäp boljak däldi.
Molla Ysmaýyl ahun ölmezinden öň uly bir sandygy kitapdan dolduryp ýere gömdüripdir. Soň-soňlar enem muny bize gürrüň berip, gömlen ýeri bize çak bilen görkezýärdi. Ýöne ol ýeri hiç kim gozgamaga milt edip biljek däldi. Bilinse, gürrüň ula ýazjakdy.
Babamyz obada metjit saldyryp, çagalary okadýan ekeni. Sowet döwründe onuň metjidini sklada öwrüpdirler. Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soň, ol ýene-de obanyň metjidine öwrüldi.

* * *

Türkmen zenanlaryndan radionyň ilkinji diktorlarynyň biri, soň uruş ýyllary radiokomitetiň başlygy bolup işlän Nurjemal Durdyýewa bilen ömrüniň soňky ýyllarynda söhbetdeş bolupdym.
Ýeňiş habaryny türkmen halkyna radio arkaly buşlanam Nurjemal Annagulyýewnady. Radionyň ýanynda halk aýdym-saz topary hem şonuň aladasy bilen döredilipdi. Kiçi Geldymyrat, Giçgeldi Aman, Abdylla Amanja ýaly bagşylar hut şonuň öz alada etmegi bilen ansamblyň işine çekilipdi.

– Mylly aga, Pürli aga, Geldi Ugurly dagy bilen gatnaşygymyz gowudy. Mylly aga gije-de bolsa geläýer öýe. Bir gezek oňa Gürgenden hat gelipdir. Muňa-da Mylly aganyň ýüregi ýarylýa. Asyl ýüzi dagam saralypdyr. “Eýrandan hat gelipdir. Kimkän hat iberen? Men gitmesem bolmaz” diýýär. Gije aýaly bilen öýüme geläýdiler. “Hä, näme, Mylly aga? Näme boldy?” diýýän. Ol maňa: “Şu haty oka!” diýýär. Men: “Okap bilemok men muny, Mylly aga! Ýöne arapça okaýan oglanlar bar, şolara okatdyrarys. Onsoň size aýdaryn. Oturyň, çaý içiň” diýdim. “Ýok, biz gideli. Namazym bar” diýdi. “Okaberiň, şu ýerde namazy” diýdim.
Radioda bolsa-da, ol namazyny okaýardy. Oňa: “Görünmän namazyňy okaber” diýýän bolara çemeliler. “Ýok, men özüne aýtman okajak däl” diýip, menden sorady. “Mylly aga, namaz okama!” diýip saňa gadagan edip biljek däl, okaber – diýerdim.
Onsoň men ertesi howpsuzlyk komitetinde işleýän Aşyr Muhammedowy ýanyma çagyryp: “Me, şu haty al-da, oka, näme ýazylypdyr? Terjime et-de, getir. Mylly aga örän biynjalyk bolýar” diýdim.
– Biz köp ýyllar dowamynda Gürgende ýaşaýas. Meniň kakam dagy Eýrana ozal gelen ekeni. Meniň özüm şu ýerde önüp-ösdüm. Daýy diýenim üçin gaty görme. Biz hemişe siziň sazyňyzy diňleýäs. Şo sazlaram özümiz çalýas. Soň Gürgen radiosynda-da çykyş edýäs. Siziň ömrüňiz uzak bolsun. Köpräk, gowrak sazlar çalyň” diýip, ol hatynda ýazypdyr.
Men Mylly agany edara çagyryp: “Ynha, me, özüňem oka. Hiç hili gorkarlyk zat ýok. Hemme zat gowulyk. Olar saňa “Daýy” diýeni üçin garyndaşyňdyr öýdüp pikir etme” diýip, Nurjemal Durdyýewa ussat sazanda bilen bolan bir wakany gürrüň beripdi.
Apreliň ortasy, 2007 ý.

Gurban Agalyýew (1937 ý.):
– Kakam Hally Agalyýew Narkomprosda narkomyň kömekçisi bolupdyr. Soň Gyzylarbatda mekdep direktory. Suratam çekýän eken.
Men Gyzylarbatda raýkom partiýaň birinji sekretary bolup işlämde bir ýaşuly üstümden arza ýazýar aldygyna. Çagyrdym.

– Kakaňam gowy adamdy. Men onuň elinde işledim mugallym bolup.
– Kakamyň üstündenem ýazansyň.
– Ýazdym. Ýazmasam bolanok – diýip jogap berýär. Şonuň arzasy bilen kakamy 37-de basýarlar. Gaýdyp gelmedi. Ejem Dürjemal durmuşa çykmady. Geler – diýip garaşdy.
Şol Baba aga diýilýäni urşa-da gatnaşan. Uruşda onuň komandiriniň Babanyň üstünden arz edip ýazan haty bar. Ony maňa görkezdiler. Uruş gidip duran wagtam ol öz komandiriniň üstünden arza ýazýan ekeni.
Men Aşgabatda okamda köplenç Pürli Sarylara barardym. Krupskaýa köçesinde ýaşaýardylar. Günortana çenli türkmen küşdüni oýnaýardylar. Oraz Sary bilen bir howluda ýaşaýardylar. Goňşulary hem bagşy Abdylla Amanjaýew. Soň nahar iýip, nahardan soň iki sagat dagy saz çalynýardy. Pürli aga ýaş wagty „Saz öwrendim” – diýip, obasynda ýaşululary ýygnap saz çalypdyr. Uzak wagtlap çalandan soň ol ýaşululara ýüzlenip: “Ýaşulular, nähili çalşym. Kemi barmy?” – diýip sorapdyr. Ýaşulularyň biri “Näme diýýäň?” diýip sorapdyr. Görse olar sazam diňlemän ekenler.

***

Ýazyjy Kakaly Berdiýew bilen sagat 11-iň ýarynda onuň öňki ýaşan öýünde (Bamy köç. 14-nji jaý) duşuşdyk. Meselesi bar eken. Munuň üçin onuň gözleýän adamyny tapmadyk. Men oňa Aman Ussaýewi salgy berdim. Adwokat. Tapdyk, gürleşdik. Kakaly Berdiýewiç bilen salamlaşanymdan soň “Ynansaň Alýoş (Allaýar) her gün oýanyp, şu balagymy geýjek bolanymda seň üçin doga edýän. Işleri ugruksyn, jany sag bolsun diýýän” diýdi.
Muny ol maňa öňem her gezek duşuşanymyzda aýdýar.
Şu gün men žurnalist Kakabaý Gurbanowyň ýanyna bardym. Gepugra Kakaly Berdiýewiň men hakda aýdan zadyny aýtdym. “Nämüçin ol şeýle diýýär” diýip, onuň manysyny soradym. Olam: “Öň sen hakda bir ýalňyşlyk goýberendir. Indem toba etdigidir” diýip düşündirdi.
Dogrudanam men onuň bilen bile işleşenimde şeýle waka bolupdy. Ýöne men onuň günäsini birwagt bagyşlapdym. Ol häzir 80-den

geçen adam. Bir gözi görenok.

Dowamy bar >> Ýatlamalar